# «Ýüküm agyr gara dagdan…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Ýüküm agyr gara dagdan…" “ÝÜKÜM AGYR GARA DAGDAN…”




Adam gurýar, adam ýykýar,
Adam gany dynman akýar,
Adam misli ýylan – çakýar,
Ezýet çekesen nadandan.
Diýdim: – Niçik alym – Adam!
Diýdim: – Niçik zalym – Adam?
Ýoldaşyňdyr päliň adam,
Milýon-milýon… şarpyk dadan.

Ýalan sözlän mahalyňda,
Taý tapylmaz Ahalymda,
Ýatyr Apat şor maňlaýda,
Göz görmez, serim dumandan.

Dünýä bizar gendelerden,
Dünýä dolmuş bendilerden,
Elin serýän bendelerden,
Habar barmy Hatam Taýdan?!

Ulumy ýa kiçimidiň?
Garrymydyň, beçemidiň?
Mal bazarda geçimidiň?
Hak goldasyn tupan-gaýdan.

Ýalan sözläp taladylar,
Ýaman gözläp «tanadylar”!
Güň däldim, zo-ol aldadylar,
Ýüküm agyr gara dagdan…

06.06.2022. Goşgular